## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
## – BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!




# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.*

№22 (72) 2023-nji ýylyň 10-njy sentýabry


*Syýasy teswir*



# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**1-nji sentýabrda** ýurdumyzda giňden bellenilýän Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de täze 2023-2024-nji okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli ýurdumyzyň dürli künjeklerinde, asylly däbe görä, täze bilim edaralaryny açyp ulanmaga bermek hem-de olaryň düýbüni tutmak dabaralary geçirildi.

* * *

**1-nji sentýabrda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli umumy sapak geçdi. Oňa ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda zähmet çekýän ýaş hünärmenler, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, mugallymlary we talyplary, mekdep okuwçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

* * *

**5-nji sentýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň prezidenti Kýosuke Nagatany kabul etdi.

Duşuşygyň dowamynda Sukuba uniwersitetiniň prezidenti döwlet Baştutanymyza iki ýurduň köpugurly gatnaşyklaryny ösdürmäge hemmetaraplaýyn goldaw berýändigi üçin hoşallyk bildirip, öz nobatynda, köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygyň esasyny türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan goýlandygyny belledi.

* * *

**5-nji sentýabrda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Sukuba uniwersitetiniň prezidenti Kýosuke Nagata bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler mundan beýläk-de bilelikde işlemek üçin giň mümkinçilikleriň açylýandygy barada aýtmak bilen, tejribe alyşmak, Türkmenistanda ýapon dilini, Ýaponiýada türkmen dilini okatmak üçin tejribeli mugallymlary taýýarlamak babatda mümkinçilikleri ara alyp maslahatlaşdylar.

* * *

**6-njy sentýabrda** hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Täze Zelandiýanyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sara Meri Uolşdan ynanç hatyny kabul etdi.

* * *

**7-nji sentýabrda** Türkmenistanyň Pakistan Yslam Respublikasyndaky ilçihanasy Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlap edebi agşam geçirdi.

* * *

**7-nji sentýabrda** Türkmenistanyň Portugaliýadaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi (ýerleşýän ýeri Pariž ş.) M.Çaryýew Portugaliýa Respublikasynyň Prezidenti Marsel Rebel de Souza öz ynanç hatlaryny gowşurdy.

Dabaranyň çäklerinde ilçi Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyndan mähirli salamy, şeýle hem iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

* * *

Türkmen sazandalary 31-nji awgust — 10-njy sentýabr aralygynda Gruziýada geçirilen 5-nji Sinandali klassiki aýdym-saz festiwalyna gatnaşdylar.

Festiwalyň çäklerinde Türkmenistanyň Gruziýadaky ilçisi D.Seýitmämmedowyň çäräniň guramaçylary we oňa gatnaşýan ýaş türkmen sazandalar topary bilen duşuşygy geçirildi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**



## Gahryman Arkadagymyzyň sapagynyň ähmiýetine bagyşlanan maslahat

■ 2023-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň guramagynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde geçiren umumy sapagynyň taryhy-syýasy ähmiýetini wagyz-nesihat etmek maksady bilen, «Gahryman Arkadagymyzyň döwletlilik taglymaty we Arkadagly Serdarymyzyň ýoly bilen ynamly öňe, öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!» atly hoşallyk maslahaty geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň işgärleri, institutymyzyň talyp ýaşlary, professor-mugallymlary gatnaşdylar.

## Visiting of Nikolai Mladenov to the institute of international relations of the ministry of foreign affairs of Turkmenistan

■ On September 7, 2023 the delegation headed by Nikolai Mladenov, the general director of the Diplomatic Academy of the United Arab Emirates named after Anwar Gargash, visited the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. During this visit, the guests started getting acquainted with the complex of buildings of the institute. The representatives went to the «Ak öý» and listened to a song performed by B.Yazmyradov in Arabic language. Later, the delegation got acquainted with the study studio of the institute, the training centers of Turkmen diplomacy in important areas and scientific method centers for Sustainable Development, and the national museum of Turkmen diplomacy.



## Визит делегации страны восходящего солнца в национальную школу туркменской дипломатии

■ Туркменистан придает большое значение развитию сотрудничества нашей страны с Японией, которое основано на взаимопонимании, доверии и дружбе. Туркмено-японские отношения успешно продвигаются в дипломатическом, торгово-экономическом и культурно-гуманитарном направлениях. Говоря о туркмено-японских отношениях, необходимо отметить, что эти два народа схожи в особом отношении к своему национальному наследию, культуре и традициям, а также морально-этическим ценностям. Культура и язык этого народа привлекают внимание своей особенностью. В качестве примера, может служить состоявшаяся 5 сентября 2023 года, т.е. в год «Счастливой молодежи с Аркадаг Сердаром», встреча с японской делегацией под руководством Президента университета Цукуба в Японии - Кёсуке Нагата, которая прошла в Институте международных отношений МИД Туркменистана.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# ÝYLLARDAN ÄHMIÝETLI GÜN

*ýa-da Gahryman Arkadagymyzyň Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli geçiren umumy okuw sapagyndan galan täsirler*

**Ýaponiýaly meşhur ýazyjy Haruki Murakaminiň «Men ozal adamlar ýyllarboýy ýuwaş-ýuwaşdan ulalýandyr öýderdim. Ýalňyşypdyryn, adam bir günde ulalýan eken» diýen jümlesi bar. Şol pikire men hem goşulýaryn. Ynsan ömründäki aýratyn ähmiýetli günler olaryň geljekki ykballaryny, ýörejek ýollaryny kesgitlemekde uly orun tutýar.**

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň 1-nji sentýabry hem meniň durmuşymda şeýle täsirli günleriň biri boldy. Çünki şol gün görene behişdiň bir bölegimikä diýdirýän gözel Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz bilen didarlaşmak, watançylyk sargytlaryny, baý durmuş tejribesinden gelip çykýan öwütlerini sanaýmaly ädim golaýlykdan diňlemek bagtyna miýesser boldum. Çeşmäniň gözbaşynda içilen suwuň gadyrynyň bir başga bolşy ýaly, şol gün Gahryman Arkadagymyzyň hut özünden eşiden sözlerim, pähim-parasada ýugrulan jümlelerim meni birkemsiz ulaltdy. Şonuň üçin-de ol öwüt-ündewler, täsirliden manyly sözler meniň diňe ýandepderçämde däl, eýsem ýüregimiň töründe hem müdimilik galar.

Ata-babalarymyzyň bize sargyt edip gidişleri ýaly, dünýädäki gymmatlyklaryň iň naýbaşylary — saglyk, parahatçylyk we agzybirlik. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli geçiren umumy okuw sapagynyň dowamynda hem parahatçylyk, agzybirlik, watansöýüjilik, sagdyn durmuş ýörelgesi barada biz ýaşlar bilen paýlaşan gymmatly pikirleri ähli ýaş türkmenistanlylaryň kalplarynda çuňňur täsir galdyrdy. Ýer ýüzünde ähli halklaryň agzybirlikde ýaşamaklary, Zeminde ählumumy abadançylygyň höküm sürmegi, dünýäde her bir adamyň bagtyýar durmuşda ömür sürmegi baradaky iň belent ynsanperwer pikirleri öňe sürýän Gahryman Arkadagymyz umumy sapagyň dowamynda hem şeýle asylly matlaby özünde jemleýän «Dowam bolsun!» atly goşgusyndan şu ajaýyp setirleri biziň bilen paýlaşdy:

*Asman-Zemin arasy –*
*Giň dünýämiz parahat!*
*Güller açsyn gül Watan,*
*Köňüller bolsun rahat!*

Ýer ýüzünde adamzadyň beýik gymmatlyklary bolan parahatçylygy we ynsanperwerligi dabaralandyrmak baradaky arzuwlardan püre-pür bolan bu setirler şol umumy sapaga gatnaşan ähli ýaşlaryň ýüreginde ata Watanymyz tarapyndan Zeminiň abadanlygy, ondaky halklaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda irginsiz tagalla etmek ýaly mukaddes maksadyň has-da hyjuwlanmagyna getirdi.

Häzirki zaman jemgyýetiniň öňünde durýan iň wajyp wezipeleriň biri-de ähli babatda kämil şahsyýetleri terbiýeläp ýetişdirmek bolup durýar. Sebäbi syýasy ýagdaýlaryň, ykdysady gatnaşyklaryň hem-de daşky gurşaw bilen bagly meseleleriň barha çylşyrymlaşýan döwründe jemgyýetiň ilkinji we esasy öýjügi bolan maşgalada çaga terbiýesine çynlakaý çemeleşmek ýaly derwaýys zerurlyk orta çykýar. Şuny göz öňünde tutmak bilen, Gahryman Arkadagymyz umumy okuw sapagynyň dowamynda kämil şahsyýetleri terbiýelemegiň 12 ýörelgesini biziň bilen paýlaşdy. Ol ýörelgeler, ilkinji nobatda, biziň öz-özümizi kämilleşdirmegimizde uly ähmiýete eýe bolmak bilen bir hatarda, geljekde bizden soňky nesillere mynasyp terbiýe bermegimizde hem gymmatly gollanmadyr. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen 12 ýörelgäniň watançylyk terbiýesini, döredijilik we zehin terbiýesini, akyl we pikir terbiýesini, ylym terbiýesini, medeni aňdüşünje terbiýesini, kär-hünär terbiýesini, sungat terbiýesini, syýasy terbiýäni, maliýe-ykdysady terbiýesini, jemgyýetçilik terbiýesini, dil terbiýesini, ekologiýa, tebigata söýgi terbiýesini öz içine almagy ymgyr mana eýedir. Has anyk aýtsak, ol ýörelgeler häzirki zaman şahsyýeti üçin gerek bolan ähli düşünjeleridir terbiýeleri göz öňünde tutýar. Şonuň üçin hem şahsyýet terbiýesiniň Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen bu ýörelgeler durmuşa täze gadam basan ýaş nesiller, ýagny biziň üçin geçmişi, häzirki döwri hem-de geljegi bir sapaga düzýän mukaddes mekdepdir. Ana, şonuň üçin hem men şol gün sözüň doly manysynda ulaldym diýsem hakykatdan daş düşmerin.

***Mätgurban MÄTGURBANOW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.***



# TURKMENISTAN AND UN:

## *the new initiatives in cooperation*

This year marks 31 years since Turkmenistan became a member of the United Nations. On March 2, 1992, the adoption of the decision of the UN General Assembly to admit Turkmenistan to this prestigious organization opened a glorious page in the annals of our new history. This historical event showed that the humanitarian principles of our people and the chosen foreign policy have wide support at the international level. The peace-loving policy of the Independent Motherland, which was built on the long-held dreams and hopes of our ancestors to build an independent state, opened the way for the world to penetrate deeply into modern scientific and technical developments and new horizons. This landmark date enabled Turkmenistan to participate equally in international affairs and was recognized by the United Nations as the first neutral state in the world.

From the day it was accepted as a member of the United Nations, Turkmenistan remains committed to the provisions of the Charter of the United Nations, the principles of the Universal Declaration of Human Rights, and the norms of its conventions. Joint projects with the specialized agencies of the UN to achieve national and international priorities and Sustainable Development Goals are being successfully implemented. In addition, our entire country continuously contributes to the strengthening of a culture of peace and trust, and to international efforts of a balanced and unifying nature. With the support of the UN, it shows special activity in the creation of organizational, political-economic, and international legal conditions for the sake of global well-being, ensuring environmental security, and strengthening global economic relations. In this regard, Turkmenistan is recognized as a reliable partner that faithfully complies with the international obligations arising from the UN Charter, actively participates in the implementation of its large-scale and long-term international programs, and makes a worthy contribution to strengthening global peace and sustainable development.



The rich experience gathered in long-term strategic cooperation between the UN and its agencies and Turkmenistan forms the basis of foreign policy work to be implemented in the country in the future. During the Revival of the new epoch of a stable state, relations with this organization, which are based on equality, mutual respect and long-term, are enriched with new content. The range of bilateral and multilateral friendly relations and multifaceted cooperation of Turkmenistan with neighboring and distant countries is expanding. The international consultative forums organized in the country make a valuable contribution to the adoption of positive solutions to the urgent problems of our time. The Resolution "2023 - International Year of Dialogue as a Guarantee of Peace" adopted by the UN General Assembly at the initiative of Turkmenistan calls for strengthening the culture of peace and trust among the peoples of the world. Recently, the establishment of UNESCO chairs at the Turkmen State University named after Magtymguly and the Turkmen State Pedagogical Institute named after Seyitnazar Seydi has added to the success of cooperation between the UN and Turkmenistan in the fields of science, education and culture.

By actively participating in prestigious international, regional and intergovernmental cooperation mechanisms, Turkmenistan makes a great contribution to the maintenance of a culture of peace and trust, and promotes the effective implementation of your balanced and harmonious international agenda. In this regard, the goal-oriented and long-term cooperation of Turkmenistan with the United Nations

3

*Ylym-bilim bilen Watanymyza weply gulluk etmek beýik mertebedir. Biziň geljegimiz ýaşlar bilendir. Ýaşlarymyz taryhy ösüşiň, döwlet syýasatynyň häzirkizaman meýillerini we möhüm ugurlaryny, binýat goýujy taglymlaryny özleşdirmelidirler.*
*Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW*

# TURKMENISTAN AND UN:

## *the new initiatives in cooperation*

2

is provided on the basis of the strategic direction of the country's foreign policy. The Turkmen state is a supporter of the recommendations of the international community to strengthen the coordinating role of the UN in order to preserve the system of global actions aimed at ensuring peace and the balance of interests of all parties. Turkmenistan recognizes the important role of the organization as a determining factor in the implementation of the Sustainable Development Goals.

The current state and opportunities of international politics have repeatedly shown the effectiveness of coordinated, systematic cooperation of all countries of the world in solving the important problems and fears of the time. Global and regional events of recent years clearly show that maintaining peace, security, and strengthening stability will remain important areas of the international agenda. Turkmenistan, being a responsible participant of the world community, unswervingly adheres to the internationally recognized legal status of permanent neutrality and strives to achieve the main goal - to create a global system based on the principle of integrity and indivisibility of security. In this regard, Turkmenistan's goals and tasks, its foreign political and foreign economic trends, and its balanced approach to solving various problems are harmoniously combined with the processes of world development. Consistency of the state policy, generality of the strategic tasks of the country's and foreign policy, interrelationship, harmony of all important directions of international life with national interests serve as important indicators that determine the effectiveness of the foreign policy of the Turkmen state aimed at active participation of the people in the political and diplomatic sphere.

As usual, Turkmenistan developed its priorities for the upcoming period ahead of the opening of the 78th session of the UN General Assembly. Turkmenistan's new initiatives will be aimed at further deepening the fruitful dialogue on the infrastructural aspects of global development, including political-diplomatic, energy, environmental and humanitarian issues, while actively continuing the implementation of the international commitments undertaken by the country. During the upcoming session, our state will continue to implement the international initiatives promoted by the President of Turkmenistan on global and regional issues.

This important document covers several key areas. Among them, the issues of ensuring peace and security have a special place. In this regard, Turkmenistan adheres to the principle of integrity of security, indivisibility and interdependence of its respective directions. No area of security can be long-term and full-scale without the provision of several other areas. In the work to be conducted during the 78th session of the General Assembly, Turkmenistan will be guided by the principles of neutrality, non-interference, commitment to resolving conflicts through peaceful, political-diplomatic means.

As it is known, over the years, Turkmenistan has promoted a number of important initiatives within the framework of cooperation with the UN and its specialized agencies and institutions. Today, Turkmenistan proposes to discuss the possibility of developing a global security strategy based on the principles of the UN Charter and the generally recognized norms of international law, taking into account the important trends of global development. This strategy involves the use of preventive diplomacy as a tool for conflict prevention and resolution; using the possibilities of neutrality to resolve disputes and conflicts through peaceful, political-diplomatic means; and based on the decisions of the UN General Assembly to declare 2021 as the "International Year of Peace and Trust" and 2023 as the "International Year of Dialogue as a Guarantee of Peace", it should include areas such as the restoration of a culture of credible dialogue.

In order to further strengthen multilateral cooperation within the Friends of Neutrality Group for the benefit of peace, security and sustainable development, it will be proposed to hold another high-level meeting of the Friends of Neutrality Group in Ashgabat in December 2023, as well as to organize an international conference of the Friends of Neutrality Group in December 2024 in Ashgabat. In this regard, Turkmenistan proposes to discuss the possibility of establishing a Neutrality and Security Institute in Ashgabat, which will be an effective venue for carrying out research and work on neutrality and related issues.

Within the framework of the 78th session of the UN General Assembly, Turkmenistan expresses its readiness for further multilateral cooperation on the urgent issues of the global agenda by promoting important initiatives aimed at ensuring peace and security and achieving the Sustainable Development Goals, which forms the basis of the work of the United Nations. based on principles of peace and justice.

*Aygozel ASHIROVA,*
***the Lecturer of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan.***

# Cooperation between National academy of Turkmen diplomacy and The Diplomatic Academy of the UAE

By consistently implementing a foreign policy based on the principles of peace-loving, positive neutrality and mutually advantageous cooperation, Turkmenistan attaches great importance to the development of effective cooperation with all countries of the world, including the countries of the Middle East. In this regard, it is necessary to emphasize the traditionally friendly and fruitful nature of cooperation with the United Arab Emirates. This cooperation has been brought to a qualitatively new level and enriched in recent years.

Relations between Turkmenistan and the UAE are being dynamically developed bilaterally and multilaterally within the framework of prestigious regional and international organizations. This is facilitated by a high-level dialogue based on trust and mutual respect, specific to Turkmen-Emirati cooperation.

Diplomatic relations between Turkmenistan and the United Arab Emirates were established on October 10, 1995, and the UAE Embassy in Turkmenistan was opened on August 20, 2002. Over the past years, the high-level visits between the two countries and the agreements signed as a result of them in all areas have been a solid foundation for expanding bilateral cooperation. Active cooperation between Turkmenistan and the UAE in the political-diplomatic, trade-economic, cultural, scientific-educational spheres is one of the priorities of intergovernmental dialogue.



It is necessary to mention that relations in the field of education, which is an important area of Turkmen-Emirates cooperation, are developing effectively. A clear example of this is the signing of the Memorandum of Understanding between the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the Anwar Gargash Diplomatic Academy of the United Arab Emirates during the official visit of the President of the Republic of Turkey to the United Arab Emirates in 2022. This was another important step in the direction of strengthening cooperation in the field of science and education between Turkmenistan and the United Arab Emirates.

As we know, the Diplomatic Academy named after Anwar Gargash (AGDA) prepares specialists who will make a great contribution to the development of the United Arab Emirates civil service and diplomacy to ensure global stability and strengthen international peace. However, the main goal of the Academy's work is to train civil servants who can thoroughly study and analyze important issues of international relations and develop the ability to use them in the diplomatic service.

In recent years, educational cooperation between Turkmenistan and the UAE has become more active. The visit of the representative group led by Nikolai Mladenov, the CEO of the Anwar Gargash Diplomatic Academy of the United Arab Emirates to the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and their presentation to the students and professors of the Turkmen National School of Diplomacy is a clear proof of this. These measures were one of the important steps in the practical implementation of the Agreement between the two countries.

During the visit, the representative group of the Diplomatic Academy named after Anwar Gargash of the UAE visited the training studio of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, the editorial office of the electronic newspaper "Voice of the Young Diplomat", the White House, where the intelligence contest "Young Messengers of Peace" is held, the important place of Turkmen diplomacy. they toured the scientific-methodical centers for training and sustainable development goals.

Then Nikolai Mladenov, CEO of the Diplomatic Academy, gave a speech to the students of the Turkmen National School of Diplomacy. During his speech, experienced diplomat Nikolai Mladenov spoke extensively about the features of diplomatic work, his personal experience, Innovation Diplomacy, Air Diplomacy and the main areas of Turkmen-Emirates relations. As it is known, Nikolay Mladenov, who has worked in various important positions in the Bulgarian government and in various representations on Middle East issues in the UN system, is an experienced diplomat who has a thorough knowledge of the features of the Middle East, in particular, the diplomatic service of the UAE.

That is why the speech of the CEO of the Anwar Gargash Diplomatic Academy of the United Arab Emirates before the students and professors of the Turkmen National School of Diplomacy is very important. In terms of developing bilateral educational cooperation, the experience of the UAE in training diplomatic staff is also worth studying. The speech of the experienced diplomat aroused great interest among our students and professors. During the meeting, the fact that our students addressed the CEO Nikolay Mladenov with their questions is a clear reflection of the effectiveness of the speech of the honored guest.

***Merdan BERDINYYAZOV,***
***the Lecturer of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan.***

*The 78th UN General Assembly will take place September 18 to 26, 2023.*

*Turkmenistan and United Arab Emirates established diplomatic relations on October 10, 1995.*

# ARZUWLY MENZILLERE ILKINJI GADAM

**Tanryguly GELDIMAMMEDOV,**

*The 1st year student of the Faculty of International Relations.*

During the era of the new revival of Powerful state, our country under the wise leadership of our Hero Arkadag, our Arkadag Serdar, is progressing from development to development. Today reforms with a long-term perspective cover all aspects of the national economy. The sphere of science and education system plays a very comprehensive role in this field.



In this regard, the scientific and educational centers according to the world standards are built every year in the country testify to the ongoing reforms. For example, on 1st of September of this year, the opening of secondary vocational schools in the city of Arkadag, the establishing of the foundations of a complex of new buildings of higher educational institutions in the capital and provinces help our young generation to improve their education in various fields. In addition, Olympiads are held to show the talents of the young generation. One of such competitions is the intellectual competition called "Young Messengers of Peace" organized by the School of Young Diplomats under the auspices of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. I also managed to successfully pass through the qualifying stages of the II season of this competition and reach the semi-finals. This competition gave me the opportunity to learn valuable information about the ancient history of the Turkmen people and the life paths of historical figures who left their mark on Turkmen diplomacy. In particular, the fact that the competition is held in accordance with the ancient traditions of Turkmen diplomacy is of great importance in educating our youth in the spirit of patriotism. I am also deeply interested in the humanities. I managed to win the 1st place in the history lesson in the 10th grade and in the 11th grade in the provincial round of the "Altyn asyryň altyn zehinleri" competition. I also managed to win a gold medal in English at the International FISO Olympiad held in the Republic of Poland in 2023. Of course, my history teachers Myrat Rejepov and Bike Ovezberdiyeva contributed a lot to my success.

On 1st of September, 2023, the Day of Education and Students was solemnly celebrated. The beginning of this new school year has become an unforgettable event in my life. I was lucky to be a student of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. This increased my desire to study the history and methods of Turkmen diplomacy. I also want to assure you that in my time, I will grow up to be an inspiring person, necessary for our country, without neglecting my education.

I wish great success on their work, long life and health to our Hero Arkadag, Arkadag Serdar for making great opportunity for us to read and learn everything.

**Sahydöwlet HÜMMETJUMAÝEW,**

*Halkara gatnaşyklary fakultetiniň I ýyl talyby.*

«Adam arzuwsyz bolmaz, guş ganatsyz» diýlişi ýaly, men hem heniz XI synpda okaýarkam okuwymy Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda dowam etdirmek isleýärdim. «Yhlasa – myrat» diýip, eždatlarymyz ýönelige aýtmandyrlar. Meniň hem yhlasym ýerine düşüp, bilimim, ukybym bilen ýurdumyzyň abraýly ýokary okuw mekdebiniň talyby bolmak bagty maňa miýesser etdi.

Mende bu ýokary okuw mekdebine girmäge höwes döreden mekdep okuwçylarynyň arasynda arzylanýan «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşigidir. Adam yhlas etse, güýjüni gaýgyrman zähmet çekse, megerem, hasyl bolmajak arzuw ýok bolsa gerek. Nesibede bolup, bu bäsleşigiň saýlama tapgyrlaryndan üstünlikli geçip, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň «Ýaş diplomatlaryň» mekdebiniň agzalygyna kabul edildim. Soňra biz bu institut bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýardyk. Ol ýerde geçirilýän ylmy-amaly maslahatlara, konferensiýalardyr halypa diplomatlar bilen guralýan «tegelek stollara» yzygiderli gatnaşdyk. Instituta baranymyzda mekdep okuwçylarydygymyza garamazdan, aýratyn hormatlanýardyk. Mugallymlaryň güler ýüzlüligi, talyplaryň göwnaçyklygy «şu ýeriň talyby bolaýsam» diýen pikiri aňyňda aýlamaga iterýärdi.

Yhlasym ýerine düşüp, «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsüminiň III oýnunyň ýeňijisi bolmak miýesser etdi. Bu ýeňiş ýöne bir ýeňiş däldi, ol meniň geljekki ykbalymy kesgitledi. Ýüregimde beslän diplomat bolmak arzuwyma golaýlamagyma goldaw berdi.

Pederlerimiz: «Ýigide müň dürli hünär hem azdyr» diýýär. Meniň saýlan ugrum ynsanperwer bilimleri bilen bagly bolsa-da, tebigy bilimler bilen hem düýpli gyzyklanýaryn. Men «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşiginiň döwlet tapgyrynda biologiýa dersi boýunça 10-njy hem-de 11-nji synplarda III orny, şeýle-de şol bäsleşikleriň çäginde geçirilýän taslama (ylmy döredijilik) bäsleşiginde biologiýa dersinden höweslendiriji orny eýelemegi başardym. Bulardan başgada, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti tarapyndan geçirilen biologiýa dersi boýunça bäsleşikde 10-njy synpda III orna, 11-nji synpda II orna, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň guramagynda 11-nji synp okuwçylaryň arasynda geçirilen ekologiýa dersi boýunça bäsleşikde I orna, şol ders boýunça Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň guramagynda 10-11-nji synp okuwçylary arasynda geçirilen bäsleşikde I orna mynasyp boldum hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmenistanyň Parahatçylyk Gaznasynyň müdiriýetiniň hem-de «Güneş» žurnalynyň redaksiýasynyň bilelikde guramagynda «Parahatçylyk: çagalaryň sesi» atly döredijilik bäsleşiginde Hormat haty bilen sylaglandym.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň biz – geljekki halkaraçy hünärmenler üçin döredýän şertleri çäksizdir. Biz ýaşlara diňe döwlet derejesindäki däl, eýsem halkara derejesindäki bäsleşiklere-de gatnaşyp, ýaşyl tugumyzy al-asmanda parlatmaga giň mümkinçilikler döredilendir. Men hem şol mümkinçiliklerden peýdalanyp, 2022-nji ýylda geçirilen Halkara Mendel olimpiadasynda bürünç medala mynasyp boldum.



Meniň ders bäsleşiklerinde öňdäki orunlary eýelemegimde mekdebimizdäki halypa mugallym, birnäçe ýyllardan bäri okuwçylary biologiýadan ders bäsleşiklerine jan aýaman taýýarlaýan Döwlet Kulyýewiň, taslama bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş etmegimde I derejeli biologiýa mugallymy Aýbölek Amandurdyýewanyň hyzmaty uludyr. Akyldarlaryň biri: «Günüň nurly şöhlesiniň düşýän ýerinde iň mukaddes kär – mugallymçylyk käri» diýip, örän jaýdar belleýär. Mugallym türkmenlerde 7 atanň birine deňelýär. Olar hem edil biziň ata-enelerimiz ýaly, durmuşda öz ýolumyzy tapmakda biziň üçin örän ýakyn ynsanlardyr. Bu şahsyýetler hemişe sylanylmaga, ýatlanylmaga, hormatlanylmaga mynasypdyr.

Diplomatiýa – jogapkärli, köp zähmeti talap edýän kär. Men hem geljekde okuwymy üstünlikli dowam edip, Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza, Watanymyza, il-günümize wepaly, ilhalar hünärmen bolup ýetişmegi arzuw edýärin.

Watanymyzy ynsanperwer syýasaty bilen röwşen geljege atarýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

*Every new beginning comes from some other beginning's end.*
*Lucius Annaeus Seneca*

*Gel, eý, köňlüm, saňa nesihat kylaý:*
*Watany terk edip, gidiji bolma!*
*Magtymguly Pyragy*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland!

Baş redaktor
*Aýnabat NAZAROWA*

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew.
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow.
**Kätip:** A.Nobatowa.
**Bölüm müdiri:** J.Öwezowa.
**Edebi işgärler:** A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.
**Fotohabarçy:** B.Ýazmyradow.
**Korrektorlar:** A.Hudaýbergenowa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

**E-mail:** yashdiplomathgi@gmail.com